# Deňeşdirme syýasaty öwreniş

**Aşgabat - 2010**

**Ata Çarygulyỳew.** Ýokary okuw mekdepleriniň syỳasaty öwreniş hünäriniń talyplary üçin okuw gollanmasy. - Aşgabat, 2010.

Taryh ylymlarynyň kandidaty J.Annaorazowyń ylmy redaksiýasy bilen.

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**© Ata Çarygulyỳew.**
**©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

## Giriş

“Deneňeşdirme Syýasaty öwreniş” okuw dersiniň okadylmagynyň **maksady:** Deňeşdirme ylmy usulyny öwrenmek hem-de şol arkaly Syýasy hadysalary, medeniýetleri, siwilizasiýalary deňeşdirip, olaryň many-mazmunyna çuňňur düşünmek bolup durýar. Dürli taryhy siwilizasiýalarynyň we medeniýetleriň syýasy barlaglaryň kömegi bilen esasy syýasy düşünjeleri çuňňur öwrenmekden ybaratdyr. Syýasat hakyndaky ylmyň häzirki zaman derejesini jemgyýetjilik, gumanitar deňeşdirmeler esasynda öwrenmeli. Syýasaty öwrenmekligiň dürli usulyýetleriniň we ylmy netijelerini talyplara öwretmek.

“Deňeşdirme Syýasaty öwreniş” okuw dersi öwrenmekligin meseleleri:

“Deňeşdirme Syýasaty öwreniş” ylmynyň aşakdaky meseleleri öwrenilýän ylmyň kemala gelmegi we ösüşi, deňeşdirme syýasat ylmynyň ösüş taryhy deňeşdirilmesi: syýasy ulgamlaryň görnüşleri, Syýasy ulgamlary deňeşdirmesiniň ugurlary, Syýasy ulgamlary deňeşdirmek, Demokratik, Totalitar we Awtoritar syýasy ulgamlary deňeşdirmek, Syyýasy medeniýtleri deňeşdirmek we başgalar.

Döwletleriň Syýasatlaryny bu usul bilen öwrenmek – netijeleri progressiw ýol bolup durýar.

Dünýäniň döwletlerini, olaryň esasy sistemalaryny derňewden geçirip – aratapawutlaryny görmek mjümkinçilik döreýär. Deňeşdirme – Syýasy Barlag işleriniň esasy usulydyr.

Syýýasy Barlaglar esasan deňeşdirme usulyny ulanýarlar we şu usullara daýanyp, ylmy barlaglary üstünlikli geçirýärler.

Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistanda, Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň yglan eden “Täze Galkynyş we Beýik Özgertmeler zamanasynda” – “ Deňeşdirme syýasaty öwreniş ” okuw dersini ýokary okuw jaýlarynda “Syýasaty öwreniş” Hünäri boýunça okaýan talyplar özleşdirýärler.

Deňeşdirme syýasaty öwrenişiň many-mazmuny, öwrenýan meseleleri.

"Deňeşdirme Syýasaty öwreniş" Okuw dersiň esasy öwrenýän meseleleriň biri – onuň many-mazmuny kesgitlemek. Deňeşdirme Syýasaty öwrenişiň many-mazmuny Syýasy ulgamlaryny hem-de umuman Syýasat diýen düşünjäni deňeşdirmek ýoly bilen, ýagny Syýasy barlag usulyny geçirmekligiň üsti bilen, olara akyl ýetirmek hem has çuňňur öwrenmek.

"Deňeşdirme syýasaty öwreniş" ylmy we okuw dersi özüniň düzümi, usullary, mähümligi, öwrenýän meseleleri we ugurlary boýunça- hazirki zaman, Döwrebap ylym bolup, ol hemmetaraplaýyn dünýä, Halkara standartlara gabat gelýär. Deňeşdirme syýasaty öwreniş özüniň düýp-mazmuny boýunça Zamana bap, derwaýys ylmy usul hökmünde döwletleriň syýyasatyny, syýasy durmuşyny hem-de syýasy we sosial ulgamlary we düzümleri öwrenýär.

Deňeşdirme syýasaty öwreniş ylmy we okuw dersi özüniň tutýan orny boýunça – Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistanda, Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň geçirýän täze ylym-bilim syýasatyna, Täze galkynyş we Beýik özgertmeler Zamanasyna hemmetaraplaýyn gabat gelýär.

Deňeşdirme syýasaty öwreniş ylmy we okuw Dersi özüniň many-mazmuny boýunça-ylmyň umumy usulyny ulanýar we umumy pelsepe taglymatlara we teoriýalara esaslanýar.

Döwletiň Syýasy hem sosial ulgamlaryny öwrenmek, olary ylmy Barlaglardan geçirmek, Derňew işlerini geçirip, çaklamalary döretmek we ş.m. – bu möhüm ylmyň esasy ugurlary bolup durýar. Deňeşdirme syýasaty öwreniş ylmy we okuw dersi köp dürli anyk meseleleri öwrenýär. Hem şonuň esasynda döwletleriň Syýasy ulgamlaryny berkidýär. Hem kämilleşdirýär. Bu meselelere şular degişlidir:

1.Deňeşdirme Syýasaty öwrenişiň teoretki meseleleri – ýagny bu ylma degişli taglymatlary nazaryýetleri, ylmy hem taryhy çeşmeleri, idealary, pelsepe esaslaryny öwrenmek, özleşdirmek, akyl ýetirmek. Olary ylmy işlerinde ulanmak, hem-de okuw prosesiniň dowamynda bu bilimleri sapak görnüşinde talyplara ýetirmek, olara syýasy bilimleri bermek bolup durýar;
2.Syýasy ulgamlaryny Deňeşdirmek işi – ýagny, Dünýäniň ähli döwletleriniň syýasy hem sosial ulgamlaryny öwrenmek, olary deňeşdirmek, olaryň aratapawutlaryny hem meňzeşligini anyklamak, olaryň pozitiw hem negatiw taraplaryny deňeşdirmek, Syýasy ekspertia, Derňew, Barlag, Çaklama, analiz we Sintez işlerini geçirmek, ahyrky netijede bolsa, şol syýasy ulgamlary has kämilleşdirmek barada öz tekliplerini bermek;
3.Syýasy medeniýet.syýasy sosilizasiýasy.ýagny ylmy deñeşdirme usuly bilen dünýä döwletleriniñ syýasy medeniýetlerini hem syýasy sosializasiýasynyñ derejesini anyklamak , deñeşdirmek aratapawutlaryny we meñzeşliklerini ýüze çykarmak ahyrky netijede bolsa-pozitiw hem kämil tejribäni ulanmak bolup durýar;
4.Syýasy bähbitler we syýasy partiýalar.
Ýagny döwletleriñ syýasy bähbitleri sosial toparlaryñ syýasy bähbitleri.Syýasy bähbitleriñ many-mazmuny anyk çäkleri düýp sebäpleri ykdysady hem ruhy esaslary
Syýasy partiýalar olaryñ orny,roly syýasy bähbitleri köptaraplylyk meselesi.Syýasy bähbitlerini hem partiýalaryny deñeşdirmek,öwrenmek,olara akyl ýetirmek we ş.m.
5.Hökümet edaralar we syýasy ugurlary
Ýagny döwletleriñ hökümet edaralarynyñ we syýasy ugurlaryny deñeşdirmek olara akyl ýetirmek,öwrenmek aratapawutlaryny anyklamak.
Garaşsyz Türkmenistanyñ hökümeti ýagny Ministrler Kabinetini düzýän pudaklaryñ edaralary,welaýat, etrap,şäher häkimleri we oba geñeşlikleri hem olaryñ durmuşa geçirýän

syýasy ugurlaryny deňeşdirmek hem şol wagtda öwrenmek bolup durýar.

6.Döwletiň syýasaty

Ýagny döwletleriň içerki hem daşarky syýasatlaryny deňeşdirmek içerki hem daşarky syýasatlaryň aratapawutlaryny ýüze çykarmak, syýasaty öwrenmek oňa akyl ýetirmek, onuň düýp manysyny düşünmek, syýasaty öwreniş tejribäni has artdyrmak we ş.m

7.Dünýäniň dürli döwletleriniň syýasy ulgamlaryny öwrenmek

Ýagny dünýäniň onlarça döwletleriň syýäsy ulgamlaryny öwrenmek,olara akyl ýetirmek, aratapawutlaryny we meňzeşlerini anyklamak we ş.m.

Deňeşdirme syýasaty öwrenişiň okuw dersi hökmünde öz öňüde esasy goýan meselesi “Syýasat name?””Syýasaty nädip öwrenmeli?”hem bu sowallara jogap tapmak bolup durýar.

Deňeşdirme syýasaty öwreniş-okuw dersi hökmünde-ýokary okuw jaýlarynda talyplary okatmagynda we geljekki hünärmenlerini taýýarlamagynda berýän peýdasy we ähmiýeti örän uly.

Bu okuw dersi öwrenmegiň üsti bilen geljekki syýasaty öwrenijiler-syýasy derňew hem barlag işlerine gatnaşyp tejribe hem ylmy esasda döwletleriň syýasy ulgamlaryny öwrenip, olara akyl ýetirýärler.Döwletiň içerki hem daşarky syýasatlaryny has çuňňur we hemmetaraplaýyn öwrenip bilýärlr hem-de şonuň esasynda özleriniň ylmy hem tejribe tarapdan kämilleşdirýärler.

Mugallymlaryň ýolbaşçylygynda geljekki hünärmenler deňeşdirme usulyny öwrenip syýasy durmuşy öwrenmäge öz goşantlaryny goşarlar.

## I. Deñeşdirme syýasaty öwreniş ylmynyñ kemala gelmegi we ösüşi

Syýasy ylymlaryñ hatarynda möhüm orun tutýan deñeşdirme syýasaty öwreniş ylmynyñ,ony öwrenmegiñ esasy ugurlaryñ we meseleleriñ biri-bu ylmyñ kemala gelmegi we ösüşi bolup durýar.

Deñeşdirme syýasatyny öwreniş ylmy kemala gelmeginiñ we ösüşiniñ esasy tapgyrlary:

1.Deñeşdirme syýasatyny öwreniş-Syýasaty öwrenişiñ usuly hökmuünde XIX asyrda Günbatar Yewropada kemala geldi. Günbatar Yewropada gözlegleriñ syýasaty öwrenýän alymlaryñ ylmy gözlegleriñ netijesinde bu ylym ýüze çykýar.Deñeşdirme Syýasaty öwreniş-ylmyñ umumy esasy bolan "Deñeşdirme"usulyna esaslanýar.Ylmyñ umumy usuly bolan deñeşdirme usuly-syýasy durmuşuny,syýasaty,syýasy ulgamlary öwrenmäge gönükdirildi.Deñeşdirme usuly döräp kemala gelenden soñra özüniñ ýokary netijeligini görkezipdir.

2.XX asyryñ başlarynda deñeşdirme syýasatyna uly goşant goşan ony ösdüren alym Maks Weber bolup durýar.

Maks Weber-(24.4.1864,Elfrut-14.6.1920. Mýunhen )-belli nemes sosiology hem taryhçy Maks Weber garaýyşlary neokantiçylygyñ ideýalaryñ täsirinde kamala gelýär.

Maks Weber syýsasy ylmynda täze dörän ugry-ideýal tipleriñ shemasy bolup durýar.Bu ugur plýuralizmiñ ylmy esasy bolup durýar. Maks Weber ähli ylmy işlerinde Rasionalizm pikiri eriş-argaç bolup geçýär. Maks Weber pikirlerine görä syýasatda örän düşünjeler-formal hukugyñ esasy parlament hem ugry häzirki zaman adminstrasiýasy.

XX asyrda Maks Weber deñeşdirme syýasaty öwreniş ylmynyñ ösüşine we kämilleşmegine uly goşant goşan alym bolup durýar. Maks Weber pikirlerine görä syýasaty,syýasy ulgamlaryny öwrenmeginde deñeşdirme usuly-ýokary netijeli

usul bolup durýar.Deňeşdirme usuly bilen döwletleriň syýasy ulgamlaryny has netijeli öwrenmek mümkinçiligi döredýär.
3. Deňeşdirme syýasaty öwrenişiň ylym hökmünde çykmagynyň jemgyýetçilik zerurlygy bar.Çünki, adamzat jemgyýetiň kanunalaýyklaryna görä, ösmegi hem kämilleşmegi üçin bu jemgyýetiň syýasy hem sosial düzümlerini deňeşdirip aratapawutlaryny anyklap belli bir netijä gelmek zerur bolup durýar.

**Deňeşdirme syýasatynyň ösüş taryhyny deňeşdirilmesi**

Deňeşdirme syýasat ylmynyň uly hem baý taryhy bar.Olaryň ösüş taryhyny öwrenmek ,olara akyl ýetirmek, ösüşiň tapgyrlaryny deňeşdirmek örän möhüm ylmy meselesi bolup durýar.Deňeşdirme syýasy ylmyň  XX asyryň 60-90-njy ýyllarynda ösüşi syýüsaty öwreniji alymlaryň ylmy işlerinde esasy ugry we meslelesi bolup durýar.XX asyryň 50-nji ýllarynda deňeşdirme syýasy ylmy esasan Günbatar Yewropa döwletlerinde, ABŞ-da we Kanada-da çalt depginler bilen ösýär.

**XX asyryň 50-nji ýllarynda deňeşdirme syýasy ylmynyň esasy ugurlary we meselesi şulardan ybarat:**

1.Deňeşdirme syýasaty öwrenişiň teoretiki meselesi-ýagny ylmy taglymatlary nazaryýetleri, ylmy çemeleşmeleri,pikirleri,ideýalary,maksatnamalary,meýilnamalary öwrenmek olara akyl ýetirmek olaryň many-mazmununy düýp sebäplerini anyklamak.Umuman aýtsak-teoriýasyz ylym ýok
2.Syýasy ulgamlary deňeşdirmek ýagny syýasy deňeşdireme ylmynyň örän möhüm ugry bolan dünýäniň döwletleriniň syýasy ulgamlaryny deňeşdirmek işi bolup durýar.

**Syýasy ulgamlary deňeşdirmekde ulanylýan usullar**

1.Ylmy barlag
2.Ylmy derňew

3.Ylmy çaklama
4.Ylmy analiz
5.Ylmy sintez
Netijede syýasy ulgamlaryñ aratapawutlary hem meñzeşlikleri anyklanylýar.
3.Syýasy medeniýet we syýasy sosiolizasiýa meslelesi
Syýasy medeniýet-döwletiñ instutlaryñ üsti bilen (döwlet ,demokratiýa,konstitusiýa,hukuk we beýlekiler )amala aşyrylýar.
**Bu instututlar jemgyýetde esasan iñ möhüm üç funksiýany amala aşyrýarlar:**
1.Terbiýeçilik funksiýasy –halkyñ añyny ösdürmekde, olary syýasy işlere çekmek
2.Regulirleýji funksiýasy- ýagny raýatlaryñ syýasy prosese täsirini güýçlendirmek bolup durýar.
3.Goraýyş funksiýasy- syýasy gymmatlyklary goramak
Syýasy sosiolizasiýa meselesi bolsa döwletiñ geçirýän syýasatynyñ esasy ugry çözmekden ybarat
4.Döwletleriñ bähbitlerini deñeşdirip, olaryñ aratapawutlaryny öwrenmek hem kesgitlemek bolup durýar.
5.Bähbitlerini birleşmesini deñeşdirme jähtden öwrenmek hem kesgitlemek-ýagny köp sanly bähbitleri deñeşdirip ,öwrenip hem gutarnykly ylmy netijelere gelmek
6.Syýasy partiýalaryñ maksatlaryny we bähbitlerini deñeşdirmek hem derñewden geçirmek-ýagny syýasy partiýalaryñ maksatnamalaryny ustawyny öñe sürýän ideýalary öwrenmek olara akyl ýetirmek
XX asyryñ 60-70-nji ýyllyarynda deñeşdirme syýsay ylmy esasan Merkezi,Günbatar,Gündogar Yewropa döwletlerinde ABŞ-da,Kanadada,Yaponiýa we beýleki döwletlerde çalt depginler bilen ösýär.Şol ýllarda deñeşdirme syýasy ylmyñ esasy öwrenen ugurlary:
1.Hökümet edaralary hem syýasy hem syýasy kursuñ düzülişini deñeşdirmek;

2.Döwletleriñ syýasatlaryny deñeşdirmek;
3.Syýasatyñ düýp manysyny deñeşdirme jähtden öwrenmek
Ýagny syýasaty beýleki jemgyýetçilik hadysalary bilen deñeşdirip onuñ ornuny many-mazmunyny maksadyny we ş.m. kesgitlemek bolup durýar.
XX asyryñ 80-90-njy ýyllarynda deñeşdirme syýasy ylmyñ ösüşi dowam edip ol öñ SSSR-e girýän döwletlerinde sonra Russiýa Federasiýasynda,Ukrainada we GDA-nyñ beýleki döwletlerinde ösüşe eýe bolýar.
Şol ýyllarda deñeşdirme syýasy ylmy köp sanly möhüm syýasy meseleleri öwrenip, bu ylmyñ tejribesini has ösdürýär we kämilleşdirýär.Deñeşdirme syýasy ylmy 80-90-njy ýyllarda aýry döwletleriñ syýasy ulgamlaryny öwrenýärdi:
1.Angliýanyñ syýasy ulgamyny;
2.Hytaýyñ syýasy ulgamyny;
3.ABŞ-nyñ syýasy ulgamyny;
4. Yaponiýanyñ syýasy ulgamyny;

## II. Deñeşdirme syýasy ulgamlaryñ usulyýeti

Deñeşdirme syýasaty öwreniş ylmyñ ylmy barlaglaryñ giñ usulyýeti bar.Şol usullaryñ üsti bilen-döwletiñ iñ möhüm ugurlary bolan-syýasy sistemasyny hem syýasy kursuny deñeşdirme.
Deñeşdirme usuly bilen-örän möhüm hem düýpli ugurlary bolan syýasy medeniýet we döwletiñ syýasaynyñ görnüşlerini deñeşdirip olary kesgitlemek mümkin.
Syýasy medeniýet-syýasy bilimleriñ , berilýan bahalaryñ,raýatlaryñ hereketleriniñ derejesi hem-de sosial gymmatlyklyklaryñ,däpleriñ ,kadalaryñ mazmuny we hili,syýasy gatnaşyklaryñ reguriýleýji bolup durýar.
Syýasy medeniýet-döwletiñ institutlaryñ üsti bilen (döwlet,demokratiýa,konstitusiýa hukuk we beýlekiler)

durmuşa amala aşyrylýar.Bu insitutlar jemgyýetde bir topar möhüm funksiýalry ýerine ýetirýärler.Olara şular degişli;
1.Onuñ birinjisi-terbiýeçilik funksiýasy.Yene terbiýeçilik funksiýasynyñ maksady –halkyñ syýasy añ-düşünjelerini ösdürmek hem kämilleşdirmek.Bu funksiýasynyñ amaly ýollary-işçileri dolandyryşa çekmek,raýatlaryñ bilim derejelerini ösdürmäge,olaryñ döwletde bolup geçýän syýasy proselsere dogry düşünmek we akyl ýetirmek;
2.Ikinji funksiýasy regulirleýji fuksiýasy onuñ esasy maksady-raýatlaryñ syýasy proseslere edýän täsirini güýçlendirme.Onuñ esasy ýoly-raýatlaryñ dolandyryş organlara kontrol we gözegçilik etmeginde
3.Uçinji funksiýasy-goraýyş funksiýasy.Syýasy gymmatlyklary goramak, olara gowy düşündirmek,olary aýawly saklamak we kämilleşdirmek işleri bolup durýar.
Döwletleriñ syýasaty umumy funksiýasy boýunça iki görnüşe bölünýär.
1.içerki syýasat.
2.daşary syýasat
Bu syýasatlary deñeşdirmek usuly bilen barlagdan hem derñewden geçirdip,şu netijelere gelindi.
1.Döwletiñ daşarky kursy-onuñ içerki syýasatynyñ derejesi hem ýagdaýy bilen kesgitlenilýär;
2.Öz nobatynda, daşarky syýasy ýagdaý döwletiñ içerki syýasatyna täsir edýär.
3.Ahyrky netijede, hem içerki syýasatlar-bir maksada gulluk edýärler.ýagny, bu döwletiñ jemgyýetçilik gatnaşyklaryñ ulgamyny üýtgewsiz goýmak hem pugtalandyrmak bolup durýar.Içerki hem daşarky syýasatyñ usullary deñeşdirilende, uly tapawutlar ýüze çykypdyr.
1.Döwletiñ içinde syýasy häkimiýetiñ Monopoliýasy bar.
2. Halkara arenasynda bolsa häkimiýetiñ bir bitewi merkezi ýok,bu taýda köp sanly deñhukukly döwletler hereket edýär.Şol sebäpli halkara arenasynda ikitaraplaýyn hem köptaraplaýyn

döwletara gatnaşyklar-diñe duşuşuklar, üýgeşmeler, ylalaşyklar,kompromistler esasynda düzülýär hem geçirilýär.
Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistan döwletiniñ Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyñ ýolbaşçylygynda geçirilýän Täze Galkynyşlar we beýik özgertmeler zamanasynda dürli meseleler boýunça geçirilýän halkara maslahatlaryñ we sammitleriñ,sergileriñ mekanyna öwrülüpdir.
Daşarky syýasynda esasy ugry bolan Bitaraplyk syýasaty bolan-hem-de ondan gelip çykýan prinsiplerini türkmen döwleti gyşarnyksyz durmuşa geçirýär.

**Syýasy ulgamlaryñ görnüşleri**

Deñeşdirme syýasaty öwreniş ylmynyñ üsti bilen, deñeşdirme usulunyñ netijesinde, Syýasat diýen düşünjä akyl ýetirmek, öwrenmek we onuñ many-mamununy düýp sebäplerini anyklamak umuman,syýasaty kesgitlemek mümkin boldy.
Ylmy barlaglaryñ netijesinde syýasat diyen düşünje hem-de onuñ içerki we daşarky görnüşlerine bölünişigi öwrenilipdir.Olara akyl ýetirip kesgitlenildi.
Deñeşdirme ylmy prosesiñ dowamynda-syýasata-jemgyýeti öwreniji alymlar tarapyndan şu aşakdaky kesgitnamalar berildi:
1.Syýasat ýa-da politika-grek sözi **polis** bolup ol döwlet jemgyýetçilik işler diýen manyny berýär.
2.Syýasat örän möhüm ulgam bolup, onuñ mazmununy-synplaryñ milletleriñ we beýleki sosial toparlaryñ we düzümleriñ arasyndaky gatnaşyklardan durýar.
3.Syýasatyñ esasy Yadrosy hem maksady-syýasy häkimiýeti öz eline almak, saklamak, goramak we ony öz bähbitleri üçin ulanmak bolup durýar.
4.Syýasatyñ iñ wajyp meselesi-döwlet häkimiýetiñ gurluşy bolup durýar.

5.Syýasat diýmek-ol döwletiñ işlerinde aktiw görnüşünde gatnaşmak,döwletiñ ugurlaryny, ýollaryñ, wezipelerine, formalaryna, mazmunyny kesgitlemek bolup durýar.
6.Ähli jmgyýetçilik meseleler-syýasy häkimiýete eýe bolýar.Çünki onuñ çözülmegi-synpy bähbitler hem häkimiýeti meselesi bilen gös-göni baglanşyklydyr.
7.Döwlet ,synplar bolsa-syýasatam jemgyýetçilik üýtgeşik özboluşly formasy hökmünde hemişe bolar.
Umumy görnüşde-syyasy ýolbaşçylygyñ esasan üç pursatlara gönükdirilendir:
1.Prinsipial wezipeleri orta goýmak hem birinji nobatda gysga wagtyñ içinde kesgitlemek
2.Goýlan maksatlara ýetmek üçin şoña degişli usullary, serişdeleri, jemgyýetçilik hereketiñ formalaryny döretmek hem olaryñ üsti bilen goýlan maksatlara iñ amatly ýollar bilen ýetmek bolup durýar.
3.Döwletiñ içerki syýasaty-döwlet sistemasy pariýalaryñ ähli esasy ugurlaryny öz içine alýar.
Içerki syýasat-döwletiñ ähli ulgamlaryna we pudaklara özüniñ täsirini ýetirýär, şol sebäpli içerki syýasat birnäçe böleklere bölünýär.
1.Ykdysady syýasat
2.Sosial syýasat
3.Medeni syýasat
4.Mili syýasat
5.Ylym-bilim syýasaty
6.Ylmyñ tehniki syýasaty
7.Agrar syýasaty
8.Saglyk syýasaty
9.Yaşlar barada syýasat
10.Çagalar we eneler barada syýasat
11.Gumanitar syýasat we beýlekiler

Her döwletiñ jemgyýetçilik syýasy durmuşunyñ esasy maksady synplaryñ we toparlaryñ arasynda syýasy häkimiýete we syýasy agalyga göreş bolup durýar.
Döwletiñ içerki syýasaty-birinji nobatda-jemgyýtedäki ýagdaýlary kada- kanunlary, ulgamlary we pudaklary goramak, saklamak we bertkitmek we kämilleşdirmek wezipelerini durmuşda bitirýär.Jemgyýetçilik hadysalaryñ içinde(ykdysady, medeni,ylym, bilim,tehnika we beýlekiler.)-syýasat iñ güýçli hem kesgitleýji düşünje bolup durýar.
Döwletiñ daşarky syýasaty-esasan onuñ içerki syýasatynyñ tebigy we synpy häsiýeti bilen kesgitlenilýär.Öz nobatynda bolsa, daşarky syýasy ýagdaý,içerki syýasata düýpli täsir edýär.
Ahyrky netijede bolsa, hem daşarky hem içerki syýasatlar bir maksada gulluk edýär-Döwlet jemgyýetçilik gatnaşyklaryñ sistemasyny goramak hem pugtalandyrmak Emma Bu birleşigiñ çäklerinde daşarky we içerki syýasatlaryñ özüniñ aýratynlyklary bar:
1.Içerki syýasy meseleleriñ çözmegiñ usullary-döwletiñ jemgyýetde syýasy häkimiýete monopoliýasy bilen kesgitlenilýär.
2.Emma halkara arenada bir bitewi merkezi ýok, bu taýda onlaça deñhukukly döwletler hereket edýärler.Olaryñ arasyndaky gatnaşyklar bolsa, diñe syýasy göreş, gepleşikler, ylalaşyklar,kompromistler netijesinde düzülýär.
Şeýlelik bilen-daşarky hem-de içerki syýasatlar aýrylmaz bitewilikdäki zatlar bolup şol bir wagtda-da olaryñ öz aýratynlyklary bar.

## III. Syýasy ulgamlary deñeşdirmesiniñ ugurlary

Syýasy deñeşdirme öwreniş ylmynyñ esasy ugurlarynyñ biri syýasy ulgamlaryñ deñeşdirmek tejribesi bolup durýar.Dünýäniñ meşhur we belli alymlary-syýasatşynaslar, pelsepeçiler, sosiologlar, taryhçylar-esasan Günbatar

Yewropanyñ hem ABŞ-nyñ alymlary we hünärmenleri-bu meseleleri öwrenmäge, olara akyl ýetirmäge özüniñ uly goşandyny goşupdyr.

Görnükli daşary ýurt alymlar- Günbatar Yewropada hem Demirgazyk Amerikada (ABŞ we Kanada) ýaşaýan hünärmenler – Haýu, Popper, Arend- özleriniñ geçiren ylmy barlaglaryñ netijesinde, jemgyýetiñ syýasy ulgamlarynyñ deñeşdirip, olaryñ aýratynlyklaryny anyklap syýasy sistemalara akyl ýetirip, olary kesgitlediler.

Görnükli Günbatar alymy, syýasaty öwreniji Aýzenştan-deñeşdirme syýasy barlaglary geçirip, esasan taryhy-deñeşdirme usullaryna ulanypdyr.Alynan ylmy maglumatlary jemläp, ol syýasy ulgamlary kesgitläp, olara häsiýetnama beripdir.

jemgyetiñ syyasy ulgamy-bu döwlet institutlarynyñ sistemasy (döwlet edaralaryñ ,syýasy partiýalaryñ, jemgyýetçilik guramalaryñ)

Bu sistemanyñ çäklerinde jemgyýetiñ syýasy durmuşy geçýär hem döwlet häkimiýeti öz funksiýalaryna amala aşyrýar.

Jemgyýetiñ syýasy ulgamynyñ häsiýeti-onuñ syýasy-ykdysady esasy bilen aýrylmaz baglanşyklydyr.

Jemgyýetiñ syýasy ulgamy-onuñ synpy , sosial,ykdysady, medeni düzümlerini şöhlelendirýär. Aýzenştantyñ pikirine görä, jemgyýetiñ syýasy ulgamyny öwrenmek üçin ilki bilen turuwbaşdan düzýän böleklerini, elementlerini öwrenmek olara akyl ýetirmek zerur.

Beýleki görnükli Günbatar alymy,syýasaty öwreniji, filosof, taryhçy, sosiolog Dali-onlarça ylmy kitaplaryñ (syýasaty öwrenişden, sosiologiýadan, filosofiýadan, kulturologiýadan) awtory bolup, ylmy barlaglary geçirýän prosesinde-deñeşdirme usuly ulanypdyr.Dali esasan dünýäniñ ýurtlarynyñ ulgamlaryny deñeşdiripdir.Onlarça ýyllaryñ dowamynda professor Dali:

1.Angliýanyñ syýasy sistemasyny öwrenipdir.

2.Hytaýyñ syýasy ulgamyny

3.Germaniýanyñ syýasy ulgamyny
4.Fransiýanyñ syýasy ulgamyny
5.Italiýanyñ syýasy ulgamyny
6.ABŞ-nyñ syýasy ulgamyny
7.Yaponiýanyñ syýasy ulgamyny
8. Hindistanyñ syýasy ulgamyny
9. Koraýanyñ syýasy ulgamyny
10.Braziliýanyñ syýasy ulgamyny
Bu ýurtlaryñ ulgamlaryny deñeşdirmek olaryñ aratapawutlaryny hem meñzeşliklerini anyklap, gymmatly ylmy netijelere täze maglumatlara eýe bolupdyr.
Beýleki meşhur günbatar alymlary Haýk ,Popper, Arend – deñeşdirme usuly bilen dünýäniñ esasy siwlizasiýalary bolan gündogar hem günbatar siwlizasiýalara akyl ýetirip olaryñ aratapawutlaryny öwrenip, şol bir wagtda olaryñ meñzeş, gabat gelýän taraplaryny hem-de artabaglanşyklaryny öwrenipdir.
Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistan döwleti-Merkezi Aziýa sebtinde prewensiw-öñüni alyş Diplomatiýanyñ merkezi hökmünde- sebitdäki ýurtlaryñ Eýranyñ, Owganystanyñ, Pakistanyñ,Özbegistanyñ,Täjigistanyñ,Gazagystanyñ syýasy ulgamlaryny öwrenip, deñeşdirip şol ýurtlaryñ syýasy sistemasynda gapma-garşylyklar dörän bolsa, olaryñ öñüni alyp konfliktlere ýol bermän örän ähmiýetli işleri bitirip berer.

## Syýasy ulgamlary deñeşdirmek

Syýasy ulgamlaryñ hatarynda möhüm orun tutýan-deñeşdirme syýasaty ylmynyñ örän möhüm ugurlarynyñ hem wezipeleriniñ biri-Dünýä döwletleriniñ syýasy ulgamlaryny deñeşedirme işi bolup durýar.Bu ylmy barlaglaryñ çaklerinde Demokratik, Totalitar,Awtoritar we beýleki syýasy ulgamlary deñeşdirme ylmy prosesinde geçirip, olaryñ aratapawutlaryny öwrenip,olara akyl ýetirip, hersinin kesgitnamasy düzülýär.Bu kesgitnamalaryñ ähmiýeti örän uludyr.Çünki, ylmy barlaglaryñ

netijeleri syýasaty öwreniş ylmy örän wajyp maglumatlar bilen baýlaşdyrýar, hem-de ylmy tejribäni has ýokary ösdürýär hem kämilleşdirýär.
Yene-dem bellemeli faktlaryñ biri-bu barlaglaryñ üsti bilen klassifikasiýasyny döretmäge mümkinçilik açylýar.
Demokratik syýasy ulgamy-döwlet syýasy gurluşyñ formasy hökmünde adamzadyñ taryhynda döwletiñ emele gelmegi bilen döreýär.Demokratiýa grek sözi bolup-demos –halk, kratos-häkimiýet ýagny halkyñ häkimiýeti diýen manyny berýär.Dünýä Döwletleriñ ulgamlarynda resmi taýdan kanunalaýyklygynda halk köpçüligi häkimiýeti ykrar edilýär:
1.Raýatlaryñ deñhukukugy;
2.Kanunyñ agalygy;
3. Döwletiñ esasy organlarynyñ hem syýasy liderleriniñ saýlanmak prinsiplerini üpjün etmek;
4.Köppartiýalylyk ;
5.Alternatiwlilik prinsipi;
6.Syýasy oppozisiýanyñ bolmagy;
7.Açaçanlyk we ş.m.

**Demokratik sistemalar bölünşigi**

1.Göni demokratiýa
2.Wekilçilik demokratiýa

I.Göni demokratiýa sistemasynda esasy kararlar ähli raýatlaryñ tarapyndan kabul edilýär.(Halk geñeşlerinde, reformalaryñ üsti bilen )

II.Wekilçilik demokratik sistemasynda hemme kararlar saýlaýan edaralaryñ we wekilleriñ üsti bilen kabul edilýär.

**Dünýä taryhynda birnäçe syýasy demokratik ulgamlar bolupdyr.**

1.Antik döwrüñ syýasy sistemasy
Bu taryhy topraga gadymy Gresiýa döwleti hem gadymy Rim imperiýasy degişlidir.Gadymy Gresiýa barada aýtsak bu toprakda demokratiýa sözüniñ özi döräpdir, Beýik akyldar bolan Platonyñ, Sokratyñ ,Aristoteliñ işlerinde demokratik

ideýalar beýan edilipdir.Gadymy Gresiýa döwletiniñ Afiny şäherini-döwlet demokratiýanyñ mysaly hökmünde getirip bolýar.Gadymy Rim döwletinde halk geñeşiniñ senatynyñ hereket etmegini irki demokratiýa hökmünde getirip bolýar.

2.Buržuaz demokratiýa-XVII-XVIII asyrlarda esasan Günbatar Yewropa ýurtlarynda(Angliýa,Fransiýa,Germaniýa)-Monarhiýa syýasy sistemasyny agdaryp,uly ösüşe eýe bolýar,raýatlaryñ hukuklary we azatlyklary aktiw depginlerde ösýär we kämilleşýär.

3.Sosialistik demokratiýasy XX asyrda 1917 –nji ýylyñ sosialistik rewolýusiýasyndan soñ emele gelen hem şol asyryñ çäklerinde dargan SSSR döwletine we sosialistik sistema ýurtlara degişli.Buržuaz sistemasyny agdaryp sosialistik sistemasy 70 ýyl höküm sürdi.

4.SSSR-den soñky häzirki zaman

Demokratiýa ulgamlary ýagny SSSR döwletine we sosialistik sistema giren respublikalarda we döwletlerde demokratiýanyñ derejesi

5.Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistanyñ syýasy ulgamy

Totalitar syýasy ulgamlary hakynda aýtsak,ilki bilen bu düşünjäni kesgitlemek gerek

Totalitarizm-latyn sözi totalis bolup, terjimede-ählliumumy doly,tutuşlugyna bitewi diýen manysyny berýär.

Totalitar döwleti-awtoritar döwletleriñ formasy (görnüşi)bolup, oña jemgyýetçilik durmuşuna doly kontrol etmeklik mahsusdyr,

Totalitar syýasy ulgamyna şu häsiýetli alamatlar degişlidir:

1.Ähli legal(resmi)guramalaryñ döwletleşdirilmegi

2.Häkimiýetiñ diskresion ýagny kanun tarapyndan çäklendirilmedik kanunlar;

3.Demokratik guramalaryñ gadagan edilmegi;

4.Konstitusiýon hukuklaryñ we azatlyklaryñ ýok edilmegi;

5.Jemgyýetçilik durmuşunyñ militarizasiýalaşmagy (harbylaşmagy)

6.Oppozitiýa garşysyna geçirilýän repressiýalar;
Dünýä taryhynda totalitar döwletleriñ mysallary hökmünde-faşistik Germaniýany we faşistik Italiýany getirip bolýar.
SSSR döwründe Staliniñ adminstratiw- awtoritar döwlet häkimiýeti totalitarizmiñ bir görnüşi bolup, ol sosialistik demokratiýa garşy çykyp ony inkär etdi.
Şol sebäpli alymlar-Staliniñ häkimiýeti we faşistik Germaniýanyñ totalitar sistemasy biri-birine gabat gelýär meñzeş bolýar diýip belleýärler.
Häzirki zaman dünýäsinde totalitarizm ideýasy adamzat tarapyndan terk edilýär.
Totalitarizma garşy göreşiñ dine bir ýoly bar-jemgyýetiñ ähli ulgamalaryñ hem pudaklaryñ doly demokratizmlaşmagy

## IV. Demokratik,totalitar we awtoritar syýasy ulgamlary deñeşdirmek

Syýasy ylymlaryñ içinde uly orun tuýan “deñeşdirme syýasaty öwreniş” ylmyñ üsti bilen dünýä döwletleriniñ demokratik awtoritar sistemalary deñeşdirmek mümkin boldy.Ilki bilen demokratik awtoritar,we totalitar syýasy ulgamlaryny kesgitlemek zerur bolup durýar.Demokratik syýasy ulgamy grek sözlerden-demos-halk, kratos-gelip çykýar.Terjime edilende bolsa demos-halk, kratos-häkimiýet ýagny halk demokratiýasy demokratiki syýasy ulgamyñ düzümi:
1.Saýlaw esasynda düzülýän döwlet we syýasy edaralar
2.Syýasy pluralizm
3.Köppartiýalylyk
4.Açaçanlyk
5.Oppozisiýa
6.Syýasy hukuklaryñ giñligi
7.Syýasy kararlary hem kanunlary köpçülikleýin maslahatlaşyp kabul etmek

Awtoritarizm auctoritos latyn sözi bolup , terjime edilende ol-häkimiýet,täsir etmek manysyny berýär.
Awtoritarizm sistemasy-ol antidemokratik we antihukuk konsepsiýasy we höküm sürmegiñ amaly formasy bolup durýar.
Syýasy derñew işleriñ dowamynda awtoritarizm taryhy formlary anyklamak mümkin boldy.
Awtoritarizm taryhy formalary şular degişlidir.
1.Aziýa ýurtlarynyñ Despotize režimleri
2.Gadymy döwrüñ Tiraniýa režimleri
3.Gadymy döwrüñ absolýutism monarhiýalary
4.Orta asyrlaryñ we täze döwrüñ absolýut monarhiýalary
5.Harby-poliseý hem faşistik režimler
6.”Kazarma kommunimiñ dürli görnüşleri”
Awtoritarizm-ol ýeke-täk bir hökümdaryñ (teranyñ,despotyñ,füreryñ) ýa-da höküm sürýän toparyñ hukuk taýdan çäklendirilmedik bikanun güýje daýanýan sistema bolup durýar.
Awtoritarizm ýagdaýynda hukuk we düzgün işlemeýärler,raýatlaryñ hukuklary we azatlyklary jemgyýetçilik guramalaryñ umuman halkyñ bähbitleri inkär edilýär.
Awtoritar sistemada demokratik kararlar ýok ýa-da formal häsiýetli bolýar.Häkimiýet halk tarapyndan saýlanylmaýar hem-de oña halkyñ kontrollygy edilmeýär.Häkimiýetiñ ,şahsyýetiñ howpsyzlygyny kepillendirmeýär.
Awtoritar režimler halka garşy güýç ulanýarlar.
Sud edarasy özbaşdaklygy ýok, ol awtoritar häkimiýetiñ serişdesi bolup durýar.
Awtoritarizma garşy göreşiñ dine bir ýoly bar-jemgyuýetiñ doly görnüşünde demokratizasiýa prosesi!
Geçirilen syýasy deñeşdirme prosesiniñ çäklerinde derñew analiz hem sintes geçirilenden soñ awtoritar syýasy ulgamyñ totalitar(latyn dilinde totalitos ýagny doly umumy diýmek )syýasy ulgamy bilen umumylyklar,meñzeşlikler ýüze

çykarylypdyr.Awtoritar sistmasynyñ totalitar sistemasy bilen esasy umumylygy olaryñ Antidemokratik we Antihukuk häsiýetleri bolup durýar, hem awtoritar hem totalitar syýasy ulgamlarynda halkyñ hukuklary we azatlyklarty häkimiýet tarapyndan kepillendirilmeýär,syýasy kararlary bir adam we oña degişli topar kabul edýär.Halk köpçüligi bolsa awtoritar we totaritar häkimiýetleri doly boýun egýärler.
Awtoritar hem totalitar syýasy häkimiýetler öz halkynyñ üstünden doly kontrollyk edýärler.Şeýlelik bilen syýasatşynas alymlaryñ geçiren syýasy deñeşdirme usulynyñ üsti bilen – derñew,analiz we sintez barlaglaryñ netijeleri jemlenenden soñ şu üç sany ulgamlara-awtoritar-totalitar we demokratik ulgamlaryna doly we anyk akyl ýetirmek başartdy.
Ilki bilen bu syýasy ulgamlaryñ takyk ylmy kesgitnamasy berildi.
Ikinjiden bu ulgamlaryñ taryhy formalary anyklanyldy.
Üçünjüden bu ulgamlaryñ umumylyklaryny we aýratynlyklaryny anyklamak mümkin boldy.

## V. Demokratik, totalitar we awtoritar režimleri deñedirmek. Rewolýütsiýa we ewolýutsiýalary kesgitlemek.

“Deñeşdirme syýasaty öwreniş” ylmyñ usullaryñ üsti bilen – demokratik, totalitar we awtoritar režimleri öñki temalarda kesgitlenilip, bu temanyñ çäklerinde jemgyýetiñ syýasy durmuşa degişli bolan Rewolýutsiýa hem Ewolýutsiýa düşünjeleri deñeşdirip, olaryñ kesgitnamalaryny bermeli.
Deñeşdirme prosesiñ dowamynda jemgyýetdäki sosial rewolýutsiýa we sosial ewolýutsiýa diýen syýasy hadysalary kesgitlemek mümkin boldy.

Rewolýutsiýa diýen söz – latyn sözi Revolutio bolup, ol terjimede - öwrülişik, agdarylyşyk manylary berýär.Ýagny, jemgyýetiñ ösüşindäki düýpli, çuñ hil üýtgemeler.

Rewolýutsiýa ösüşdäki bir hilden başga hile bolan gysga wagtyň içindäki böküş bolup durýar.

Sosial rewolýutsiýa – bu öz taryhy möwrütimi geçiren Jemgiýetçilik- ykdysady formasiýasyndan has progressiw, ösen hem kämil formasiýa geçişiň usuly bolup durýar.

Sosial rewolýutsiýa- ol jemgiýetiň bütin sosial-ykdysady düzümindäki düýpli hil agdarylyşyk bolup durýar.

Adamzat jemgiýetiň taryhynyň irki tapgyrlarynda rewolýutsiýa esasan tötänli geçýärdi, hem-de lokal hereketler we gozgalaň, pitne görnüşinde peýda bolýar.

Dünýä taryhynda feodalizmden kapitalizme geçiş döwründe- rewolýutsiýa- umumy milli prosses görnüşine eýe bolýar, şonda has uly rol syýasy partiýalara we beýleki guramalara degişli bolup durýar.

Kapitalizmden sosializme geçiş - dünýä rewolýutsion prosses görnüşinde geçipdir.Rewolýutsiasynyň ykdysady esasy – öndüriji güýçleriniň ösmeginiň we köneleşen önümçilik gatnaşyklaryň arasynda döreýän gapma- garşylyklar bolup durýar.

Türkmenistanyň öňki SSSR-iň sistemasyndan Garaşsyzlyga we özbaşdaklyga geçmeklik – “ Mahmal rewolýutsiýa görnüşinde amala aşyrylypdyr.Soň bolsa Türkmenistan döwleti düýpli reformalaryň ýoly bilen ösüşiň has ýokary derejesine ýetipdir.

Häzirki döwürde bolup geçýän ösüşiň tapgyry- “Täze Galkynyş we Beýik özgertmeler zamanasy” diýlip atlandyrylýar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda Garaşsyz Baky Bitarap Türkmen Döwleti çalt depginleri bilen dünýä arenasyna çykyp ösen döwletleriň hataryna goşulypdyr.

Ewolýusiýa – latyn sözi bolup, onuň manysy- kem-kemden, yzygiderli, kanunalaýyklykda geçýän ösüş.Ewolýutsiýa diýen düşünje- ösüşiň synonymy bolup durýar.

Ewolýutsion prosesler sosial sistema hem degişlidir. Sosial sistema degişliginde ewolýutsiýa- taryhyň bir aspekti (tarapy) hökmünde öwrenilýär,hem bütewi sosial kompleksleriň ösüşi bilen baglanyşyklydyr.

Sosial kompleksiň ewolýutsion taraplaryna şular degişlidir:

1) Jemgiýetçilik institutlaryň ewolýutiýasy- ýagny olaryň kem- kemden ösmegi, üýtgemegi hem kämilleşmegi.
2) Ideologiýanyň ewolýutsiýasy-ýagny onuň kem-kemden özgermegi.
3) Medeniýetiň ewolýutsiýasy- ýagny medeni ulgamyň ösmegi hem özgermegi- täze dünýä medeniýetden elementleri öz içine almak we ş.m.
4) Ylmyň ewolýusiýasy- ýagny kem-kemden, yzygiderli ylmyň, onuň dolandyryş, guramaçylyk we beýleki taraplarynyň ösmegi hem özgermegi. Ylym ulgamy – kem-kemden kämillige tarap yzygiderli gyşarnyksyz barýar, nusga hökmünde bolsa, dünýä we halkara standartlaryň derejesini alýar.
5) Bilimiň ewolýusiýasy- ýagny, kem- kemden, yzygiderli ösüş ýoly bilen ýöräp, bilim ulgamy özgerýär, kämilleşýär, özüni filosofiýasyny hem düzümini üýtgedýär,täze formalary we stili ulanýar.
6) Tehnikaň we tehnologiýalaryň ewolýusiýasy- ýagny, bu ulgamyň hem onuň pudaklarynyň kem-kemden yzygiderli, gyşarnyksyz üýtgemegi, özgermegi we kämilleşmegi bolup durýar.

   Hem-de beýleki ugurlar – umumy bölegi hökmünde.

   Ewolýusiýa diýen düşünjä- diňe kem-kemden, uzak wagtyň dowamynda, yzygiderli mukdar taýdan geçýän özgertmeler degilidir. Onuň tersine – rewolýusiýa hil taýdan gysga wagtyň içinde geçýän böküş bolup durýar.

Real prosesleriň dowamynda ewolýusiýa hem rewolýusiýa – ikisem zerur komponentler(bölekler) bolup durýar, hem-de gapma-garşylykly bitewligi döredýär.Şeýlelik bilen ýaşaýyş hem ösüş- öz içine hem haýal, kem-kemden geçýän ewolýusiýasyny, hem-de böküş görnüşine geçýän rewolýusiýasyny öz içine alýar.

## VI. Syýasy medeniýetleri deňeşdirmek.

Syýasy ylymlaryň hatarynda örän möhüm orun tutýan we uly rol oýnaýan deňeşdirme syýasatynyň ýörite usullaryň üsti bilen döwletleriň medeniýetlerini deňeşdirmek, olaryň aratapawutlaryny hem meňzeşliklerini anykalamak, olara akyl ýetirmek mümkin boldy.

Meselem, Ýaponiýa döwletiniň ATR(Aziýa- Ýuwaş Umman) sebitinde syýasy medeniýetiniň özboluşlylygyny öwrenmek, hem-de ýurduň daşary syýasy strategiýasyna akyl ýetirmeklik.

Ýaponiýa (ýapon dilinde Nihon, Nippon) Gündogar Aiýadaky Döwlet Ýuwaş Ummanyň 4 adalarynda (Hokkaýdo, Honsýu,Sikoku we Küsü) ýerleşýär.Ilatyň sany 127mln, paýtagty Tokio şäheri(16mln adam) Döwletiň baştutany-imperator,hökümetiň baştutany – premiýer ministr.

Ýaponiýa – gaty ösen industrial döwlet, dünýäniň iň ösen döwletleriniň biri bolup durýar.Ykdysady we syýasy ösüşi boýunça – Ýaponiýa dünýäniň iň ösen 8 ýurtlaryň birleşmesine girýär.

Ýaponiýanyň ykdysadyýetiniň esasy zwenosy – maşyn gurluşyk kompleksi bolup durýar.

**Senagatyň pudaklary:**

1) Radioelektronika, şol sanda robotlary öndürmek
2) Elektrik- tehniki priborlar önümçiligi

3) Awtomobil önümçilik pudagy( ýeňil we ýük awtomobillleri)
4) Gämi gurluşyk pudagy
5) Gara we reňkli metallurgiýa
6) Gurluşyk materiallar pudagy
7) Himiýa pudagy
8) Kosmos tehnikalary öndürýän pudagy
9) Demirýol ulaglary öndürýän pudagy
10) Dokma pudagy we beýlekiler

Ýaponiýanyň öndürýän harytlary we önümleri dünýä bazarlarynda iň ýurtlaryň harytlary bilen bäsleşip, köplenç öňe çykýar.

Ýaponiýa döwleti – Aziýa – Ýuwaş Umman sebitinde ýerleşýär.Ýaponiýa döwletiniň ösen we kämil syýasy medeniýeti bar.Bu özboluşly syýasy we sosial medeniýetiň aýratynlyklary esasan şu ugurlardan ybaratdyr:

1) Kollektiwizm-ýagny, köpçüligiň bähbidini birinji ýerde goýmak.
2) Adamy sylamak,hormatlamak.
3) Adam üçin iň gowy şertleri döretmek
4) Hemme meseleleriň ortasynda adamyň durmagy.
5) Milli däp- dessurlary saklamak hem ösdürmek.
6) Sabyrlylyk,agzybirlik we jebislilik.

Syýasy medeniýetiň döwletde bitirýän esasy funksiýalary:

1) Terbiýeçilik funksiýasy
2) Regulatiw funksiýasy- ýagny, raýatlaryň syýasy prosseslere täsir etmegi
3) Goraýyş funksiýasy- jemgiýetiň sosial gymmatlyklaryny goramak.

Ikinji Jahan uruşyndan soň, kapitulýatsiýa barasyndaky aktyna gol çekilenden soňra, Ýaponiýa döwleti özüniň täze,has demokratizasiýalaşan daşary syýasatyň strategiýasyny düzdi.Ýaponiýa döwletine Ikinji jahan uruşynda ýeňen döwletleri tarapyndan

(SSSR,ABŞ,Angliýa,Fransiýa) birnäçe gadaganlyklar we çäklendirilmeler goýlupdyr:

1)Ulu goşun saklaman diňe özüňi goramak güýçleriňi saklamak;

2)Ýadro we atom ýarahglara bolan gadaganlyk;

3)Daşarky syýasatda- denilitarizasiýany geçirmek, ýagny, ýaragsyzlyk syýasatyny alyp barmak.

Häzirki zamanda Ýaponiýa döwleti dünýäniň onlarça ýurtlary bilen syýasy, ykdysady,medeni we gumanitar gatnaşyklaryny geçirýär.Dünýäniň onlarça döwletlerinde- Ýewropada, Amerikada, Awstraliýada,Aziýada,Afrikada Ýaponiýanyň ilçihanalary işläp durlar.Iri kompaniýalaryň şahamçalary we filýallary hereket edýärler(Mitsubisi,Sony, Honda motors, itoçu, Toyota motors, Komatsu, Marubeni,Panasonic, Fudji, Pioneer we beýlekiler)

Garaşsyz baky Bitarap Türkmen Döwleti Ýaponiýa döwleti bilen ikitaraplaýyn köpdürli- syýasy, ykdysady,medeni we gumanitargatnaşykalary ýyl-ýyldan has ýokary derejelere ýetirýär.

Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti – Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ýaponiýa döwletinde resmi sapary bilen bolmagy, Türkmenistanda Ýaponiýanyň ilçihanasynyň işlemegi- oňat amatly aragatnaşykalryň alamatlary bolup durýar.

Garaşsyz Baky Bitarap Türkmenistanda, Asyryz gurluşygy bolan çölüň içindäki Altyn Asyr türkmen kölüň gurluşygynda, Ýaponiýanyň agyr tehnikalary – Komatsu kompaniýasynyň ekskowatrlary, buldozerlary, traktorlary we beýlekiler gije-gündiz işläp, türkmen hünärmenleriň örän ýokary bahasyny gazanypdyrlar.

**Gündogar – Günbatar syýasy medeniýetleri deňeşdirmek.**

Deňeşdirme syýasaty öwreniş ylmyň üsti bilen deňeşdirme usulyny ulanyp, dünýä taryhyna degişli örän möhüm meseläni – Gündogar we Günbatar siwilizasiýalaryň aratapawutlaryny anyklamak hem olary kesgitlemek ylmy işleri geçirilýär.

Syýasy deňeşdirme ylmy barlaglaryň dowamynda – jemgiýetçilik ylymlarda esasy hem möhüm mesele bolan – Gündogar we Günbatar siwilizasiýalary olaryň syýasy medeniýetlerini deňeşdirip, ylmy netijelere gelmek mümkin boldy.

Gündogar we Günbatar düşünjeler – ilkinji nobatda geografiki düşünjeler bolup durýar, ýagny, ýer şarynyň Gündogar ýarymyny hem Günbatar ýarymyny aňladýar. Gündogar ýurtlara – Aziýa kontinentiniň ýurtlary girýär, Günbatar ýurtlara bolsa Ýewropa we Amerika ýurtlary degişli bolup durýar.

Meselem, taryhy jähtden alsak – iň gadymy we beýik siwilizasiýalar Gündogarda emele gelipdirler:

1) Gadymy Müsür siwilizasiýasy
2) Gadymy Hytaý siwilizasiýasy
3) Gadymy Hindistan siwilizasiýasy
4) Gadymy Mesopotamiýa(Wawilon) siwilizasiýasy
5) Gadymy Marguş siwilizasiýasy(Gadymy Merw)

Siwilizasiýa – latyn sözi “Siwilis” bolup, terjimede – ýokary ösüş derejesini aňladýan düşünje bolup durýar.

Günbatar siwilizasiýasynyň gadymy taryhy görnüşleri:

1) Gadymy grek ýa-da Ellinizm (Ellada-Gresiýa sözünden)siwilizasiýasy
2) Gadymy rim siwilizasiýasy(Rim imperiýasy)

Orta asyrlarda Günbataryň medeni baýlyklara Bibliýa(Injil) goşuldy.

XVII-XVIII asyrlarda Günbatar ýurtlarda Renessans ýa-da galkynyş zamanasy bolup geçýär. Ýewropa döwletler hemme taraplardan uly ösüşlere eýe bolýar.

XIX-XX asyrlarda Güdogar we Günbatar ýurtlar täze uly ösüşlere eýe bolýar.

Häzirki zamanada Gündogar we Günbatar ýurtlarda dürli syýasy sistemalarda uly derejedäki ösüşler gidip dur.

Gündogar we Günbatar siwilizaiýalara degişli ýurtlar köp dürli ugurlardan we taraplardan deňeşdirmek prossesinden geçirildi:

1)Syýasy ugurlardan – ýagny syýasy ulgamlardan deňeşdirmek prosesi.

2)Ykdysady ugurlardan- ýagny Güdogar we Günbatar ykdysady ulgamlaryny deňeşdirmek.

3)Medeni ugurlardan – ýagny bu siwilizasiýalary medeniýet tarapyndan deňeşdirmek (dil, ýazuw, edebiýat, sungat we beýlekiler)

4)Dini ugurlardan – ýagny esasy dinleri deňeşdirmek(Yslam, Hrestiançylyk, Buddizm, Iudaizm)

5)Ylmy tehniki- ugurlardan deňeşdirmek. Ylmy tehniki tarapyndan XVII- XVIII asyrlardan başlap Günbatar Ýewropa Amerika ýurtlary örän uly açyşlary edipdirler(Elektrik energiýasy,atomlar, awtomobil, Awiatsiýa hem kosmiki tehnikasy, Telewidenýe, Radio, Kompýutor tehnikasy, telefon aragatnaşygy we beýlekiler).

## VII. Demirgazyk – Günorta.

Deňeşdirme Syýasaty öwreniş ylmyň üsti bilen – geçirilen ylmyň barlaglardan soň – demirgazyk we günorta diýen geografiki düşünjeleri deňeşdirip olaryň aratawutlaryny anyklap, olar kesgitlenilýär, ýagny Demirgazyk we Günorta ýurtlaryň syýasy ykdysady, medeni we beýleki ulgamlary hem pudaklary derňewden geçirilip, anyk ylmy ylmy netijelere gelinýär. Demirgazyk Günorta meselesiniň çäklerinde – federatiw we unitar syýasy döwlet sistemalary öwrenmek olara akyl ýetirmek üçin ylmy barlag işleri geçirilipdir.

Federatiw we unitar döwletleri barada düşünjeler we olaryň aýratynlyklary deňeşdirme syýasy usuly bilen kesgitlenilipdir.

Häzirki zaman dünýäniň syýasy ulgamlaryna degişli köp dürli sistemalaryň içinde federatiw we unitar görnüşleri bar.

**1.Federasiýa-** „foederatio“ latyn sözi bolup, terjime edeniňde birleşme soýuz manylary berýär.

Federasiýa – döwlet gurluşynyň formasy bolup, birnäçe döwletleri öz içine alýar, bu döwletler birleşip bitewi soýuz döwleti düzýärler.

Federasiýasynyň territoriýasy – onuň içine girýän birnäçe döwlet birleşmeleriň territoriýalaryndan ybarat.Bu birleşmeleriň her biriniň özüniň konstitutsiýasyny kabul etmek hukugy bar.

Federasiýa we onuň içine girýän ştatlaryň,respublikalaryň, subýektleriň öz ygtyýarlyklary we hukuklary bitewi konstitutsiýasynyň esasynda bölünýär. Federasiýa girýän soýuz düzümleriniň öz hukuk hem kazyýet sistemalary bar.

Federasiýalaryň aglaba köpüsinde bir wagtda hem umumy soýuz raýatlygy, hem düzümleriň raýatlygy hereket edýär.

**2. Buržuas federasiýasy-** Döredilende ol adaty milli-territorial prinsipi berk göz öňünde tutmaýar.

Köplenç birnäçe döwletleriň birleşmesi görnüşinde döreýän buržuas federasiýasy kapitalistik synpyň bähbitlerini kapitalistik synpyň bähbitlerini gorap, kem-kemden unitar döwlete öwrülýär.

1917-nji ýylyň Rusiýadaky sosialistik rewalýusiýasyndan soň, federasiýanyň täze görnüşi emele gelýär- ýagny sosialistik federasiýasy: ilki Russiýa sowet federatiw sosialistik Respublikasy, soňra bolsa SSSR Döwleti.

**Sosialistik federasiýasy (1922-1991ý)** – onlarça milletleriň we halklaryň bileşmesi bolup hereket edipdir.

SSSR diýen federatiw döwletinde bir bitewi halk hojalyk kopmleksi hereket edipdir, ýeketäk syýasy partiýa bolan – komunistik partiýasy SSSR döwletini syýasy we ideologik taýdan dolandyrypdyr.

1991-nji ýyldan soň, SSSR döwleti dargandan soň hukuk taýdan yzynyýeriji bolan garaşsyz Russiýa federatiw döwleti emele gelipdir.

Häzirki Russiýa Federatiw döwletiniň düzüminde ýüzden gowrak federasiýa subýektler bar. (Tatarystan, Başkirtostan, Dagistan,Ýakutiýa, Osetiýa, Çeçnýa we.ş.m)

Syýasy deňeşdirme ylmy prosesiň dowamynda unitar tipdaky döwleti kesgitlemek mümkin boldy.Unitar sözi – latyn sözi unio bolup, ol terjimede birleşme diýen manyny berýär.

**Soýuz döwletleriň birleşmesiniň görnüşleri:**

Unitar döwletler – personal hem real görnüşlere bölünýär.

1) Personal (şahsy) uniýa – iki monarhiýa döwletleriň birleşmesi bolup durýar.Munda bir monarh höküm sürýär.Bu ýagdaýda, her döwletiň häkimiýet we dolandyryş organlary saklanylýar.

2) Real Uniýa- Monarhiýa döwletleriň has ysnyşykly birleşmesi bolup durýar. Uniýanyň bu görnüşinde umumy baştutany, bitewi pul sistemasy bitewi umumy goşuny we beýleki möhüm dolandyryş organlary bar. Bu görnüşindäki döwlet umumy daşarky syýasatyny geçirýär.

## VIII. Günbatar we AýeTS (ATR)

Deňeşdirme syýasaty ylmyň üsti bilen häzirki dünýäniň ýüzlerçe döwletleriň syaýasy ykdysady sosial – durmuş, medeni, gumanitar sistemalary, maddy hem ruhy durmuşlaryny deňeşdirmek bilen- olaryň aratapawutlaryny hem meňzeşlilerini anykalmak mümkin boldy.

Ylaýtada, Günbatar döwletleriniň hem Aziýa- Ýuwaş Umman sebitiniň ýurtlarynyň arasyndaky bolan köpdürli

aragatnaşyklary, hem-de biri-birine edýän täsirleri ylmy barlaglaryň çäklerinde anyklanylypdyr.

ATR sebitiniň örän uly roly bar ol günabatar döwletlere gaty uly täsir edýär.

Bu sebite Aziýanyň materik bölegiň ýurtlary hem-de Ýuwaş umman zolagyň döwletleri girýär. Bu sebite Aziýanyň 40 döwletleri girýär hem ýer şarynyň ilatynyň 3/5 bölegi girýär. Bu sebitde ýer şaryň iň köp ilatly 7 döwletlerden 6-sy ýerleşýär: Hytaý,Hiindistan,Russiýa,ABŞ, Indoneziýa,Ýaponiýa. ATR döwletleriň – Dünýä ykdysadyýetindäki we syýasatyndaky roly çalt depginleri bilen yzygiderli ösüşe eýe bolýar( bu Sebite dünýä söwdäniň 50% degişli).

ATR sebitinde köp syýasy hem ykdysady meseleler jemlenip, olar belli gapma-garşylykary döredýärler:

1) ABŞ bilen Ýaponiýanyň arasyndaky ykdysady we syýasy konkurent göreşi (bäsleşigi)

2) ABŞ-njiň Ýuwaş ummanyndaky harby güçýleriň jemlenmegi(harby bazalar)

3) Ýuwaş Ummanda we ATR sebitinde ýadro ýaragyň saklanmagy.

Ýene-de bir fakty bellemek zerur:Aziýa sebitiniň syýasy medeniýetiniň güýçleri barada.Aziýanyň syýasy medeniýeti – Günbatar döwletlere gaty uly täsir edýär. Öz nobatynda bolsa – Günbataryň medeniýeti Aziýa Ýuawaş Umman sebitiň ýurtlaryna uly täsir edýär.

Gündogar döwletleriň ykdysadyýeti, ylmy, tehnikasy, sungaty, däp-dessurlary- ATR sebitiň döwletleriniň ruhy durmuşuna uly täsir edýär.

Aziýa Ýuwaş Umman sebitiniň ýurtlarynda iň ýiti, gaýra goýulmasyz meseleleriň biri – howpsyzlygy üpjün etmeklik bolup durýar.Çünki bu sebitde ýadro ýaragy toplanan, hem-de onuň barlaglary yzygiderli geçirilýär.

Ýewropa medeniýetiniň häsiýetnamasy barada aýtsak- bu medeniýet örän ösen, güýçli, asyrlaryň dowamynda kämilleşen, giň hem çuňňur manyly, baý mazmunly we ş.m. Ýewropa döwletleriň sungaty we edebiýaty, ykdysadyýeti, ylmy we beýleki ugurlar köplenç nusgawy häsiýete eýe bolup, Dünýäde uly meşhurlyga eýe boldy.

Ýewropa medeniýetinde hem ýaşaýyş obrazyna ratsionalizm, pragmatizm hem praktisizm mahsusdyr:

Aziýa Ýuwaş Umman sebitiniň syýasy medeniýeti bütin dünýä uly täsir edýär.ATR sebitinde ýaşaýan milletleriň däp-dessurlary, filosofiki garaýyşlary, mentaliteti, sungaty, edebiýaty, dini garaýyşlary ruhy güýç hökmünde ýewropa ýurtlarynda din ýaýran.

Günbatar ýurtlaryň hökümetleri, syýasy liderleri,halky – ATR sebitinde howupsyzlyk meselesini çözmäge işeňňir gatnaşýarlar.

Aziýa Ýuwaş sebitiniň (ATR) ýurtlary häzirkizaman dünöä syýasatynda örän uly rol oýnaýar.
Bu sebitdäki bolan syýasy ýagdaý bütin ýer şaryň ilatyna täsir edýär.

Garaşsyz Baky Bitarap Türkmenistan Döwleti özüniň daşary syýasatynda ATR sebitiň ýurtlary bilen dostlukly, hoşniýetli ikitaraplaýyn hem köp taraplaýyn dürli aragatnaşyklary geçirýär.

## IX. Formasion we siwilizasion ylmy çemeleşmeleri.

Deňeşdirme syýasaty öwreniş ylmyň üsti bilen adamzadyň taryhy dünýä möçberinde dürli çemeleşmeleriň kömegi bilen öwrenilýär, oňa akyl ýetirilýär.

Adamzadyň taryhyny öwrenmek üçin häzirki döwürde 2 sany ylmy çemeleşmeleri ulanylýar:

1) Formasion ylmy çemeleşmesi.
2) Siwilizasion ylmy çemeleşmesi.

Formasion ylmy çemeleşmeiniň düýp manysy – adamzadyň taryhyny jemgiýetçilik- ykdysady Formasiýalara bölmek hem-de olaryň taryhy çalykmagyny görkemek:

1) Ilki ýaşaýyş durmuş Formasiýasy.
2) Gul eýeçilik Formasiýa.
3) Feodalizm Formasiýasy.
4) Kapitalizm Formasiýasy.
5) Sosializm Formasiýasy.

Siwilizasion ylmy çemeleşmesiniň düýp manysy- adamzadyň taryhyny siwilizasiýa,ýagny ösüşiniň,ýokary derejesinden ugur alyp bölmek:Meselem:Müsür siwilizasiýasy, grek siwilizasiýasy, rim siwilizasiýasy, marguş siwilizasiýasy,umuman Gündoga hem Günbatar siwilizasiýalar bolup durýar.

Formasion hem siwilizasion ylmy çeşmeleri – hersi öz tarapyndan adamzadyň dünýä taryhynda öwrenip, ony kesgitlediler.

Formasion hem Siwilizasion ylmy çemeleşmeler meseläniň çäklerinde, progress we regress düşünjelere hem akyl ýetirilipdir.

Progress diýen düşünje – latyn sözi progressus bolup- terjimede öňe tarap ösüş hereket üstünlik manysyny berýär.

Progress we ösüşiň tipi ugry bolup, has ýokary, has ösen derejelere geçiş bolup durýar hem-de has kämil görnüşe geiş hem hereketde.

Progresiň birnäçe görnüşleri bar:

1) Syýasy progress- Syýasy taglymatlaryň, ideýalaryň pikirleriň ösüşi, öňdebaryjy syýasy pikirleriň öňe sürülmegi,täze syýasy ulgamlaryň, edaralaryň, düzümleriň ýüze çykmagy.

2) Ylmy progress – ylmyň ösüşi.Täze ylmy açyşlaryň edilmegi.Täze öňdebaryjy ylmy idealaryň, pikirleriň, garaýyşlaryň ösmegi hem kämilleşmegi.Ylmy progress-

adamzat jemgiýetini has ýokary derejesine çenli ösdürýär hem kämilleşdirýär.

3) Ykdysady progress- ýagny, ykdysady ulgamyň ösüşi, onuň üstünlikleri, täze döwrebap dünýä standartlaryna gabat gelýän formalaryna hem ugurlaryna geçmek.Meselem, köp dürli, garyşyk ykdysadyýet sistemasyna geçmek, hususy eýeçiligiň dürli görnüşlerini ulanmak we.ş.m.

4) Medeni progress- ýagny medeni ulgamynda – täze, döwrebap medeni ugurlaryny durmuşa geçirmek hem ulanmak.Meselem, sungatyň täze görnüşlerini durmuşa girizmek hem ornaşdyrmak.öz wagtynda Drama teatra,Kino sungatyna,Opera, Simfoniki sazlara geçmek- medeni ulgamyndaky uly progressiw ösüş bolup durýar.

5) Tehniki progress- Ýagny, tehnikanyň we tehnologiýalaryň ösüşi, täze tehnologiýalaryň emele gelmegi, täze döwrebap tehnologiýalaryň jemgiýetiň ösüşine itergi bermegi.

6) Sosial progress- sosial durmuş atýdan jemgiýeti ösdürmek, sosial syýasaty – 1-nji ýerde goýmak, halkyň sosial meselelerini çözmek- öňe tarap progressiw ösüş bolup durýar.Ilatyň pensiýalary, aýlyklary, talyp haklary, ýeňillikleri- döwletiň içerki syýasatynyň gaýra goýmasyz meselesi bolmaklygy.

7) Pikirleriň progressi- Ýagny, täzeçe pikirlenme, ähli bolup geçýän hadysalara dogry düşünmek we akyl ýetirmek, häzirkizaman döwrebap netijelere gelmek, hem-de progressiw ösüş we progressiw reformalar, düşänjeler muňa mysal bolýar.

Progrsiw özgertmeler, galkynyş prossesi tutuşlygyna proressiw hereket bolup durýar.

Regress diýen düşünje – latyn sözi regresus bolup – terjimede ters tarapa hereket diýen manyny berýär. Regress - ýokary ösüşden has pes derejä geçmeklik bolup durýar. Regressiň mazmunyny – degradasiýa prosesler düzýärler.Guramaçylyk derejesiniň peselmegi, ol ýa beýleki

zerur funksiýalaryny amala aşyrmagyň ukyplaryny ýitirmek bolup durýar.

Regress – ösüşiň durnuklygy, öz möwrütini geçiren formalara we düzümlere gaýdyp gelmek.Özüniň ugry boýunça regress düşünjesi – progresse ters gelýär.Emma, olaryň arasynda çylşyrymly, köptaraplaýyn baglanyşyk bar:

Bir tarapdan, käbir regressiw üýtgemeler sistemaň umumy progressiw ösüşiň çäklerinde bolup biler, beýleki tarapdan – sistemaň regressiw üýtgemeleriň umuman köpelmeginde, onuň aýry-aýry bölekleri ösüşiň progressiw ugurlaryny saklaýarlar.

Jemgiýetçilik ösüşinde regressiň mümkinçiligi – taryhy prossesiň gapma-garşylykly mazmunyndan gelip çykýar.

## X. Institusion we ulgamlaýyn ylmy çemeleşmeleri deňeşdirme

1.Syýasaty öwrenýän ylymlaryñ içinde örän möhüm we ähmiýetli orun tutýan hem rol oýnaýan “Deñeşdirme syýasaty” ylmy we okuw dersi-özüniñ ylmy işlerinde hem proseslerinde köpdürli ylmy çemeleşmeri ulanýar we olar bilen peýdalanýar.
Çemeleşmeleriñ üsti bilen döwletiñ syýasy hem sosial düzümlerini öwrenmek olary ylmy analizden we sintezden geçirmek ahyrky netijede bolsa, çemeleşmeleriñ özlerini deñeşdirmek olaryñ aratapawutlaryny we meñzeşliklerini anyklamak mümkinçilik döredýär.
Institusion ylmy çemeleşmeler barada aýtsak-çemeleşme deñeşdirme syýasatynyñ esasy hem köpulanylýan çemeleşmelariniñ biri bolup durýar. Institusion ylmy çemeleşmesini kesgitlejek bolsak ol barada şulary bellemek zerur bolup durýar. **Institusion ylmy çemeleşmesiniñ häsiýetli aýratynlygy**
**şulardan ybaratdyr:**

1. Institusion çemeleşmesi usul hökmünde barlaglarda ulanmak ;

2.Syýasy we sosial ulgamlarynyñ bitewi görnüşini öwrenmeýär;

3.Döwletiñ aýry-aýry edaralaryny instutlaryny öwrenmek ;

4.Anyk ylmy netijelere gelmek;

5.Döwlet syýasy we sosial istitutlaryny kesgitlemek;

6.Institutlary öz arasynda deñeşdirmek we olaryñ aratapawutlaryny hem meñzeşliklerini anyklamak

7.Ahyrky netijede bolsa Döwletiñ institutlaryny öñküden has ösdürmek hem kämilleşdirmek maksady amala aşyrmak

Döwletleriñ syýasy institutlary.-döwlet apparaty,partiýalar we býleki jemgyýetçilik guramalar,sud(kazyýet) goşun we beýlekiler-jemlenen görnüşünde jemgyýetdäki syýasy bähbitleri we gatnaşyklary şöhlelendirýärler.Olaryñ ählisi tutuşluguna-jemgyýetiñ syýasy sistemasynyñ sosial synpy esasyny kesgitleýär hem-de jemgyýet durmuşynyñ demokratizasiýalaşmagynyñ derejesini görkezýär.

**Sosial institutlaryñ iñ düýpli we ähmiýetlisi-eýeçilik, döwlet,maşgala jemgyýetiñ önümçilik öýjükleri,ylym, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriñ sistemasy,bilim, terbiýeçilik,medeniýet,sungat,däpdessurlar,ahlak,miras,hu ku we beýlekiler.**

Sosial institutlaryñ hereketleriñ esasynda jemgyýetçilik organizmiñ ýaşamagy üpjün edilýär.Şahsyýetleriñ sosializatorlary mümkin bolýar.Jemgyýetde medeni gymmatlyklaryñ hem-de sosial özüñi alyp barşynyñ normalary nesilden-nesile yzygideli geçmekligini üpjün edýär.

Sosial institutlar jemgyýetçilik ykdysady formasiýalaryñ çäklerinde amala aşyrylýar.

**Ykdysady sosial institutlar**

Eýeçilik alyş-çalyş,pul, banklar dürli tipde hojalyk birleşmeler jemgyýetde ähli önümçilik gatnaşyklary üpjün edýär hem-de ykdysady durmuşy-sosial durmuşyñ beýleki ulgamlary bilen baglanşdyrýar.Düýpli reformalar we özgertmelr döwründe syýasy we sosial institutlaryñ öz

funksiýalar üýtgedip bilerler,ýa-da tutuşluguna başga edaralar bilen çalyşýarlar.

Ulgamlaýyn çemeleşmesiniñ aýratynlygy-ol ylmy usul hökmünde döwletiñ syýasy ulgamlaryny tutuşluguna barlagdan geçirip maglumatlary alyp ony kesgitleýär.

Jemgyýetiñ syýasy ulgamy şol jemgyýete mahsus bolan gatnaşyklaryñ sistemasy-ýagny döwlet we döwlet däl institutlar,olaryñ kömegi bilen bütin syyasy dyrmuş amala aşyrylýar.

Syýasy ulgamyñ esasy bölegi häkimiýet.Ol jemgyýetiñ dürli ulgamlaryny dolandyrýar hem regulirleýär.Institutlaýyn we ulgamlaýyn çemeleşmeleriñ öwrenýän obýektleri boýunça tapawutly bolsa-da, beýleki tarapdan bolsa olaryñ arasynda aýrylmaz baglanşyk hem bitewilik bar.Sebäbi olar ahyrky netijede bir maksada - jemgyýeti öwrenmeklige gulluk edýärler. Institutlaýyn we ulgamlaýyn çemeleşmeler usullar hökmünde dünýä ylmynyñ standartlaryna gabat gelýär.

## XI. Institusion we medeniýetleýin çemeleşmeleri deñeşdirmek

Deñeşdirme syýasaty öwreniş ylmy okuw dersi-syýasaty öwreniş ylymlaryñ örän möhüm bölegi bolup-döwletleriñ syyasy ulgamlaryny örenmekde deñeşdirmegiñ köp dürli usullary hem çemeleşmeleri ulanylýar.Şol möhüm çemeleşmeleriñ arasynda institutsion we medeniýetleýin çemeleşmeler bar.

Deñeşdirme syýasatynyñ esasy wezipeleriniñ biri Institusion we medeniýetleýin çemeleşmelri kesgitlemek we olary deñeşdirmek.

Institusion ylmy çemeleşmesi barada şulary aýtmak zerur:

Bu çemeleşme deñeşdirme syýasatynda esasy hem köp ulanylýan çemeleşmeleriñ biri.Institusion ylmy çemeleşmeleriñ aýratynlyklary:

1.Institusion çemeleşmesini usul hökmünde ylmy barlaglarda ulanmak.
2.Syýasy we sosial bitewi görnüşünde öwrenmeýär.
3.Döwletiñ aýry-aýry edaralaryny ýagny institutlaryny öwrenmek (Ministrler Kabineti,häkimler,Mejlis,pudaklaryny ministrlerini,okuw jaýlar,ylymlar akademiýasy,kanun goraýjy edaralary we beýlekiler)
4.Anyk ylmy netijelere gelmek
Ýagny ylmy prosesiñ dowamynda ylmy barlaglary geçirip derñew hem çaklama usullaryny ulanyp soñ olary jemläp ol ýa-da bu mesele hakynda takyk maglumatlary ýüze çykarmak,hem onuñ esasynda teklipleri orta goýmak bolup durýar.
5.Döwlet syýasy we sosial instutlaryny kesgitlemek
6.Instutlary öz arasynda deñeşdirmek we olaryñ aratapawutlaryny hem meñzeşliklerini anyklamak
7.Ahyrky netijede bolsa döwletiñ instutlaryny has ösdürmek hem kämilleşdirmek maksady amala aşyrmak
I.Döwletiñ syýasy institutlary-Döwletiñ apparaty partiýalar,jemgyýetçilik guramalr,sud,(kazyýet)goşun we beýlekiler jemlenen görnüşünde jemgyýetdäki syýasy bähbitlerini we gatnaşyklaryny şöhlelendirýärler.Olaryñ ählisi-jemgyýetiñ syýasy sistemasynyñ sosial we synpy esasyny kesgitleýär hem-de jemgyýet durmuşunyñ demokratizasiýalaşmagynyñ derejesini görkezsýär.Sisial institutlar-eýeçilik,döwlet,maşgala,jemgyýetiñ önümçilik öýjükleri,ylym-bilim,köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniñ sistemasy terbiýeçilik medeniýet sungat,däp-dessurlar,ahlak,miras hukuk we beýlekiler
III Ykdysady sosialistlikler- Eýeçilik alyş-çalyş,pul, banklar dürli tipde hojalyk birleşmeler.Medeniýetleýin ylmy çemeleşme-deñeşdirme syyasatynyñ usuly hökmünde ylmy prosesiñ dowamynda döwletleriñ medeni düzümini we

ulgamlaryny barlagdan geçirip,olary öz arasynda deňeşdirýärler.Anyklanan aratapawutlaryny we meňzeşliklerini öwrenýärler olara akyl ýetirip, ahyrky netijede bolsa,medeni ulgamlaryny özgertmek hem kämilleşdirmek işlerinde ulanýarlar.Institusion hem medeniýetleýin ylmy çemeleşmeler dünyä ylmynyň standartlaryna doly gabat gelýär. Institusion we medeniýetleýin ylmy çeşmeler özara baglanşykly bolup,ahyrky netijede bolsa-bir maksada gulluk edýärler.

Edebiýatlar:


1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. - Aşgabat, 2007.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek – bagtdyr. - Aşgabat, 2007.
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserler ýygyndysy. I tom - Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. - Aşgabat, 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Halkyň saýlany we ynam bildireni. - Aşgabat, 2007.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. - Aşgabat, 2007.
9. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.
10. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
11. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.
12. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. 1-ji goýberiliş. - Aşgabat, 2008.

13. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.
14. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2009.
15. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. Aşgabat, 2009.
16. Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk. – Aşgabat, 2009.
17. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. – 2-nji göýberiliş, Aşgabat, 2009.
18. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyryşynyň birinji maslahatynda eden Çykyşy (2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary). – Aşgabat, 2009.
19. Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňeldilen mejlisinde Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 21-nji ýanwary). // Türkmenistan. 2009. 22-nji ýanwar.
20. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň diplomatik korpusy bilen geçiren maslahatynda Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 18-nji fewraly). // Türkmenistan. 2009. 19-njy fewral.
21. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň EKO-nyň ýokary derejedäki 10-njy ýubileý duşuşygynda eden Çykyşy (Tähran, 2009-njy ýylyň 11-nji marty). // Adalat. 2009. 13-nji mart.
22. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň GDA ýurtlarynyň daşary işler ministrleriniň geňeşiniň mejlisindäki Çykyşy (Aşgabat,

2009-njy ýylyň 10-njy apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 17-nji aprel.

23. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly ýokary derejedäki Halkara maslahatynda Sözlän sözi. (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 23-nji apreli). // Türkmenistan. 2009. 24-nji aprel.
24. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Aral kölüni halas etmegiň halkara gaznasyna esaslandyryjy döwletleriň baştutanlarynyň sammitinde Sözlän sözi. (Almaty. 2009-njy ýylyň 28-nji apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 8-nji maý.
25. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
26. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagynda ilkinji desgalaryň açylyş dabarasynda eden çykyşy. (2009-njy ýylyň 15-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
27. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna// Türkmenistan. 2010. 10-njy maý.
28. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynyň mejlisinde sözlän sözi (Daşoguz, 2010-njy ýylyň 14-nji maýy). // Türkmenistan. 2010. 15-nji maý

29. Гаджиев А. Г. Политическая наука. М. 1997
30. Политология (учебное пособие) М. 2000
31. Политология. М. 2002
32. Сравнительная политология. М. 2003
33. Дипломатический словарь. М. 1995
34. Политический словарь. М. 1998

## Mazmuny

**Giriş……………………………………………………7-10**
**I. Deňeşdirme syýasaty öwreniş ylmynyñ kemala gelmegi we ösüşi…………………………………………11-14**
**II. Deňeşdirme syýasy ulgamlaryñ usulyýeti…………14-18**
**III. Syýasy ulgamlary deňeşdirmesiniñ ugurlary.......18-23**
**IV. Demokratik,totalitar we awtoritar syýasy ulgamlary deňeşdirmek……………………………23-25**
**V. Demokratik, totalitar we awtoritar režimleri deňedirmek……………………………………...25-28**
**VI. Syýasy medeniýetleri deňeşdirmek………………..28-32**
**VII. Demirgazyk – Günorta.........................................32-34**
**VIII. Günbatar we AýeTS (ATR)................................34-36**
**IX. Formasion we siwilizasion ylmy çemeleşmeleri......36-39**
**X. Institusion we ulgamlaýyn ylmy çemeleşmeleri deňeşdirme…………………………39-41**
**XI. Institusion we medeniýetleýin çemeleşmeleri Deňeşdirmek……………………………………41-43**
**Edebiýatlar…………………………………………………44**